Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**G. Abdullaýewa**

# ENE DILI WE OKUW SOWATLYLYGY

# MAŞK DEPDERI

Täze neşir

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
3-nji synpy üçin

*Özbegistan Respublikasynyň Halk
bilimi ministrligi tarapyndan neşire hödürlenildi*

**DAŞKENT – 2022**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 811.512.164(075.3)
KBK 81.2(5Tur)ya72
A 13

Awtor
G. Abdullaýewa

**Syn ýazan**
**R. Klyçew** – Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtköl tümenindäki 9-njy mekdebiň Türkmen dili we edebiýat mugallymy

Abdullayeva G.
Ene dili we okuw sowatlylygy [Matn] : 3-nji synpy üçin maşk depderi/ G. Abdullaýeva. – Daşkent: Respublikan tälim merkezi, 2022. – 96 s.

Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň
serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.

Original maket we dizaýn konsepsiýasy
Respublikan tälim merkezi tarapyndan taýýarlandy.

ISBN 978-9943-8066-8-9
© Respublikan tälim merkezi, 2022

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GARAŞSYZLYK MEÝDANY

**Gönükme 1.** Teksti okaň, nokatlaryň ýerine gerekli sözleri saýlap, sözlemleri depderiňize göçürip ýazyň. Her sözdäki çekimli harplaryň aşagyny çyzyň.

(arzuw, gülläp, döwlet)

Özbegistan özbaşdak ... boldy. Muny ata-babalarymyz köpden bäri ... edip gelipdirler. Ýurdumyz gün-günden ... ösýär.

______________________________

______________________________

______________________________

______________________________

______________________________

**Gönükme 2.** Sözleri dogry edip, bogna bölüp ýazyň.

Ba - ý - dak ______________________

Äl - em ______________________

Ag-zy- bir-lik ______________________

Er-k-in ______________________

Wa-ta-n ______________________

Ga-raş-syz-lyk ______________________

Ada-lat ______________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## WATAN NÄME?

**Gönükme 3.** Goşga at dakyň. Ýene-de nähili atlandyrmak mümkin? Goşguda çekimsiz harplaryň aşagyny çyzyň.

____________________________________________

Çal, dutarym, çal, dutarym
Çal, dutarym, saýra sen.
Joş owazyň, şirin sazyň
Dumly-duşa ýaýrasyn.

**Gönükme 4.** Sözlerde ýetmeýän çekimli harplary ýazyň.

Baýr...m, ş...tlyk, m...hman, l...lezar, t...big...t, mug...llym, kompý...ter, buýs...nç, tom...şa, dut...r, tüýd...k.

## SALAM MEKDEP

**Gönükme 5.** Ýogyn çekimli sesli bäş sany söz ýazyň.

______________________________________________________

______________________________________________________

______________________________________________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme 6.** Surata seredip tegeleklere gerekli sözleri giriziň. Bir sözüň ahyrky harpy indiki sözüň birinji harpy bolmaly!




## TÄSIN ÇAGALAR

**Gönükme 7.** Sonadan gelen SMS-de dodak çekimlileri belläň.

Men «Semurg» dynç alyş mesgenine ýetip geldim. Ol daglaryň arasynda ýerleşýän eken. Bu ýerleriň tebigaty örän owadan. Respublikamyzyň ähli künjeklerinden çagalar dynç almaga gelipdirler. Terbiýeçiler biziň bilen köp oýunlary gurnaýarlar. Salam bilen Sona.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme 8.** Goşguda rifma sözlerini ýerine goýuň we dodak çekimlileri belläň.

### Çeşme

Şildir, şildir, şildiräp,
Şildiresi jana ýakýar.
Gün gapdaldan bolanda,
Ýylgyryp ýüze ... .



Daş içinden syzylyp,
Çykýar ýeriň ýüzüne.
Barabar gelmez hiç zat
Çeşmäň sowuk ... .

## GÜÝZ GELENDE

**Gönükme 9.** Güýz  paslynda bişip ýetişýän gök önümleriň we miweleriň adyny ýazyň. Dodak çekimlileri belläň.

________________________________________

________________________________________

________________________________________

**Gönükme 10.** Suratda güýz pasly şekillendirilen. Surat boýunça gürrüň edip beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## JEMGYÝETÇILIK TRANSPORTY

**Gönükme 11.** Harplaryň elipbiýdäki orny boýunça sözi tapyň.

9, 1, 14, 28, 20, 1 ____________________
23, 6, 8, 10, 21, 24 ____________________
15, 5, 13, 1, 16 ____________________
1, 23, 20, 5, 30 ____________________

**Gönükme 12.** Aşakdaky sözleriň haýsysy sözlükde öňde ýerleşýär? Ýazyň.

Kepderi, tapmaça, mesele, güneş, baýlyk, mekdep, kitap, tebigat, gahryman, bugdaý.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## METRO

**Gönükme 13.** Aşakdaky metro stansiýalarynyň adyny elipbiý teribinde ýazyň.

Puşkin, Mustakillik, Nowza, Çilanzar, Almazar, Tinçlik, Çarsu, Kosmonawtlar.

**Gönükme 14.** Aşakdaky sözlerden metro temasyna dogry gelmeýänlerini çyzyk bilen belläň. Sözlerde dodak çekimlileri aýdyň.

Wagon, eskolator, teplowoz, telewizor, reklama, demir ýol, basgançak, sagat, taksi, kassa, satyjy, bilet, skameýka, bezeg, mermer, köçe, ýolagçy, sürüji.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# OGLANLAR WE KITAP

**Gönükme 15.** Jedwelde mekdep temasyna degişli 8 sany söz gizlenen. Olary tapyp ýazyň.

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| B | I | L | I | M | E | S | E | L |
| O | W | O | R | E | F | E | H | E |
| T | Ý | G | U | K | I | T | A | P |
| A | L | I | Ç | D | Ň | I | T | Ş |
| N | Ç | K | K | E | F | R | A | Ü |
| I | K | A | A | P | D | E | R | N |

**Gönükme 16.** Gerekli sözlerden peýdalanyp nakyly dogry ýazyň.

Kitap okan manydan .... .
Sowady köpüň ýoly ... .
(köp, dok)



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTANYŇ ÖZBOLUŞLY TEBIGATY

**Gönükme 17.** Gysga edip jogap beriň.

Bahar, tomus, güýz, gyş ____________________

Umman, derýa, köl, deňiz ____________________

____________________________________________

Agaçlar, otlar, gök önümler, miweler __________

____________________________________________

**Gönükme 18.** Suratlardan içinde dodak çekimlisi bar sözleri ýazyň.










____________________________________________

____________________________________________

____________________________________________

____________________________________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## SAHY GÜÝZ

**Gönükme 19.** *Agzy, ogly, görşüp* diýen sözler bilen sözlem düzüň, olaryň ýazylyş düzgünini ýadyňyzda saklaň.

**Gönükme 20.** Berlen bogunlardan güýz paslyna degişli sözler düzüň.

Dag, ýap, ha, ga, wun, şet, da, gar,  ly, syl, rak, lar, pyz.

## ASMANYŇ ÝERE MYHMAN BOLŞY

**Gönükme 21.** Şriftlerden peýdalanyp dana sözi ýazyň.

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| G | Ü | Ý | Z | H | A | S | Y | L |

1, 2, 3, 4 – 5, 6, 7, 8, 9, 8   2, 4.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme 22.** Güýz we gyş pasyllarynyň alamatlaryny jedwele ýazyň. Olary deňeşdiriň.

| Güýzüň alamatlary | Gyşyň alamatlary |
|---|---|
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |

## ANTARKTIDA – BUZLY DIÝAR

**Gönükme 23.** Sözlemleri okaň we dodaklanýan çekimlileri belläň.

Aýsberg sözi näçe bogundan ybarat? ☐





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Buz suwda çümmeýär. Ummanda ýa-da deňizde ýüzüp ýöreýän äpet buz bölegine aýsberg diýilýär. Aýsberg diýmek nemes sözi bolup, «Buzly dag» diýmekdir. Iň uly aýsberg Antraktidada ýerleşýär. Onuň uzynlygy 295 km, ini 37 km.

**Gönükme 24.** Aşakda Antraktidadaky we Özbegistandaky howa barada maglumat berlen. Soraglara jogap beriň.

| | Ýanwar aýynda howanyň temperaturasy | Iýul aýynda howanyň temperaturasy |
|---|---|---|
| Özbegistanda | 16°C sowuk | 41°C yssy |
| Antraktida | 38°C sowuk | 72°C sowuk |
| Temperaturanyň tapawudy | 24° | 113° |

1. Antraktidada Özbegistandaky ýaly tomus bolýarmy?

2. Sözlerde näçe bogun bar?

Antraktida ☐ Özbegistan ☐



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ANTARKTIDANYŇ ÖZLEŞDIRILMEGI

**Gönükme 25.** Testi okaň we dodak çekimlileri belläň.

Antraktida kontenentini rus deňizçileri Faddeý Bellinsgauzen we Mihail Lazarew 200 ýyl öň açdylar. Antraktida buz bilen gurşalan. Bu ýerde ýagyş ýagmaýar, diňe gar ýagýar. Kontinentde adamlar ýaşamaýar. Bu ýerde barlag işlerini geçirýän alymlar ýaşaýar. Olar Antraktidanyň tebigatyny öwrenýärler.

**Gönükme 26.** On sany haýwanlaryň ady ýazylan kagyzlar gyrkylyp konwerte salnypdyr. Olaryň atlaryny tapyp ýazyň.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## KAPITAN

**Gönükme 27.** Gerekli sözlerden peýdalanyp sözlemleri ýazyň. (Atlar, atlaryň, atlarda)



... ortaça ýaşy 25–30 ýyl hasaplanýar. ... görüş, eşidiş, ys alyş, tagam biliş we duýgy organlary ösendir. ... adamyň sesinden onuň duýgusyny – gaharlanýandygyny ýa-da begenýändigini bilmegi başarýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme 28.** Rebusy tapyň.

 + f

E + 

## DÜNÝÄ UMMANLARY

**Gönükme 29.** Sözleri asyl söze we goşulma bölüp ýazyň.

Ummanlar ______________________

Balykdan ______________________

Akulany ______________________

Adada ______________________

Gämide ______________________

Kitden ______________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme 30.** Berlen sözleriň asyl sözlerini ýazyň.

Şäherde, ertekini, ýagyşy, halyçy, güneş, gündiz, gyzlar, mukamy, ynsanyň, dostlukly.

________________________________________

________________________________________

________________________________________

## NÄME ÜÇIN DEŇIZ BUZ BILEN ÖRTÜLEN

**Gönükme 31.** Asyl sözleriň soňuna goşulma goşup, depderiňize ýazyň. Ýazan sözleriňizi okaň we olaryň asyl sözi bilen goşulmasyny aýdyp beriň.

Döwlet, dostluk, deňiz, diýar, diş, derman, durna, daş.

________________________________________

________________________________________

________________________________________

________________________________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme 32.** *Saglyk, sport* diýen sözler bilen sözlem düzüň.

________________________________________

________________________________________

________________________________________

**Gönükme 33.** Rebusy okaň we sözlem düzüň.

 ,, + ,  = ________________

________________________________________

________________________________________

**Gönükme 34.** Nokatlaryň ýerine degişli goşulmalary goşup, sözlemleri göçürip ýazyň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Meniň jigim

Meniň jigi... ady Şirin. Ol birinji synp... okaýar. Olar... Dursun Rejepowna okadýar. Okuwçy... öz mugallymyny gowy görýärler. Mugallymlar çaga... ýazmagy, okamagy, öwredýärler. Tertipli, edepli bolmalydygyny aýdýarlar.

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

**Gönükme 35.** Sözlerde ýetmeýän harplary tapyň.

| | |
|---|---|
| Ol örän ýuwaş ýöreýär. | ... y...t...l |
| Ol ir turup hemmäni oýadýar. | H...r...z |
| Oňa kitaplary salýarys. | ...or...fe... |
| Onda multfilm tomaşa edýäris. | t...l...wiz...r |

## ÖWSER JEÝHUN ŞEMALLARY

**Gönükme 36.** Berlen sözlere ilki söz ýasaýjy, soňra söz üýtgediji goşulma goşup, depderiňize ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Nusga:* tansçy, ýeňli,…
Tansy, ýeňe,…

Tans, ýeň, köýnek, jalbar.

## HAKYKY ÝOLDAŞ

**Gönükme 37.** Sözlemleri okaň we göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň asyl sözüni we goşulmasyny tapyň. Olaryň nähili goşulmadygyny aýdyň.

### Uçar

Uçar uçdy. Ol **ýolagçylary** äkitdi. Oňa köp adam sygýar. Menem **uçara** mündüm. Onuň içi örän oňat. Uçar **Ferganada** gondy. Ol **ýerde** meniň daýzam ýaşaýar. Ol bizi görüp begendi.

**Gönükme 38.** Hany pikirleniň.

Sygyr, goýun, atym bar,
Pişigim hem itim bar.
Näçe sany gulak bar? ☐



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Näçe sany aýak bar? ☐
Garry babaň geçisi,
Guzy, owlak üçüsi,
Ýene aldy bäş geçi,
Ekiz dogdy üçüsi.
Näçe boldy hemmesi? ☐

## HASYL BAÝRAMY

**Gönükme 39.** Sözlemleri okaň we has gara ýazylan sözlerde söz ýasaýjy goşulmanyň aşagyna bir çyzyk, söz üýgediji goşulmanyň aşagyna iki çyzyk çyzyň.

### Dag howasy

Dag **howasy** tomsuna salkyn, gyşyna maýyl bolýar. **Çeşmesiniň** suwy jana derman. **Baglary** hemişe gök öwüsýär. Şonuň üçin **daga** öwrenişen adam mydama **dagy** küýseýär.

**Gönükme 40.** Güýz paslyna degişli sözlemleri okaň. Eger dogry bolsa «+», nädogry bolsa «-» bilen belläň.

Agaçlardan ýapraklar dökülýär. ◯
Almalar gülleýär. ◯



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Podsnežnik açylýar. ◯
Çagalar kanalda suwa düşýärler. ◯
Asmanda bulutlar bar. ◯
Çagalar bir-birlerine gar atýarlar. ◯
Ekin meýdanlarda ýeralmany ýygnaýarlar. ◯
Çagalar garda typýarlar. ◯
Guşlar yssy ýurtlara uçup gidýärler. ◯

## SAGLYGYŇ GIREWI

**Gönükme 41.** Sözleriň yzyna çekimli bilen başlanýan goşulma goşup ýazyň. Sözleri ikinji bognunda haýsy çekimlileriň düşüp galandygyny aýdyň.

*Nusga:* Çagyl –çagly, ...

Köwüş, maňyz, göwün, ogul, tomus, baýyr, sygyr, deňiz.

________________________________________
________________________________________
________________________________________
________________________________________

**Gönükme 42. Agyz, ogul, döwür** diýen sözleriň yzyna çekimli bilen başlanýan goşulma goşuň we sözlem düzüň.

________________________________________
________________________________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

______________________________________________

______________________________________________

## SERDARYŇ ÝALŇYŞY

**Gönükme 43.** Teksti okaň we öz sözüňiz bilen dowam ediň.

### Sazanda

Myrat üçünji synpda okaýar. Ol mekdepde gowy okaýar. Hemişe sapaklaryna taýýarlykly gelýär. Sapakdan soň Myrat sazçylyk mekdebine gatnaýar. Ol dutar çalmagy öwrenýär. Boş wagtlary köp aýdym-sazlary diňleýär.

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

**Gönükme 44. «Sowatly»** diýen sözüň üstünde iş.

1. Bu söz haýsy soraga jogap berýär? ____________
2. Näçe harpdan ybarat? ________________
3. Näçe bogundan ybarat? ______________
4. Näçe çekimli harp bar? _____ Haýsylar? _________
5. Näçe ýogyn çekimli harp bar? ________
   Haýsylar? ___________________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6. Näçe inçe çekimli harp bar? ______
Haýsylar?____________________
7. Näçe çekim siz harp bar? ____ Haýsylar?____
8. Dodak çekimli harp barmy? _______
Haýsy ?__________
9. Näçe dymyk çekimsiz bar? ________
Haýsy ?__________
10. Asylsözi _____________ goşulma _________
11. Söze manydaş söz ___________________
12. Söze garşy manyly söz _______________
13. Söz bilen sözlem düzüň _______________
______________________________________
14. Sowatly diýen sözüň manysyny düşündiriň.
15. «Sowady köpüň ýoly köp» diýen nakylyň manysy näme?

## WITAMINLER

**Gönükme 45.** Sözlemleri okaň. Degişli soraglary berip atlary tapyp belläň.

Jeren surat çekýär. Mugallym okadýar. Ussa gapy ýasaýar. Ejem nan ýapýar. Meret kitap okaýar. Gyşda gar ýagýar. Towuklar däne çokýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme 46.** Sözlemde ýetmeýän sözleri ýazyň we haýsy soraga jogap bolýandygyny aýdyň.

______________ zawodda işleýär. ____________ futbol oýnaýar. _____________ dańdan gygyrýar. ____________ hilegär bolýar. Derýada ____________ köp. Bize ______________ geldi. Toýda _____________ aýdym aýtdy. Uýama ________________alyp berdiler. Gazanda ________________ bişýär.

## PEÝDALY GÖK ÖNÜMLER

**Gönükme 47.** Tekstde 4 sany ýańlyşy tapyň. Şol sözleri dogry edip aşakda ýazyň. Atlaryň aşagyny çyzyň.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Haýwanat bagynda

Biz synypymyz bilen haýwanat bagyna bardyk. Ol ýerde haýwanlar örän köp eken. Arslan çagasy bilen güneşde gyzyp ýatyrdy. Towşan kelemi gemirip ýatyrdy. Şagal bolsa uklap ýatyr eken. Okuwçylar hezil edip maýmynyň oýnuny tomaşa etdiler. Gyzlara tilki ýarady. Mugallymymyz haýwanlar hakynda köp gürrüň berdi.

**Gönükme 48.** Nokatlaryň ornuna gerekli harplary ýazyň. Atlaryň aşagyny çyzyň.

## Dagda

Dagl…rda bahar paslynda owadan bolýar. Daş-töw…rekde elwan läler açylýar. Çeşm…ler suwdan dolup, şybyrdap akýarlar. Balar…lar gülden-güle gonup, öz aýdymyn aýdýarlar. Howa örän t…miz. Tebigatyň gözelligini gör..p göwnüň dynç alýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖSÜMLIKLERIŇ JEDELI

**Gönükme 49.** Has atlardan 10 sanysyny ýazyň.

**Gönükme 50.** Teksti okaň, jyns atlaryň aşagyny çyzyň. 5-nji sözlemi bogunlara bölüp göçüriň.

### Balyk awy şowly boldy

Irden howa ýyly boldy. Wepa täze garmak ýasapdy. Garmagyny alyp ýabyň kenaryna geldi. Garmagy suwa taşlady. Sähelçe wagt geçmän iki sazan balygy tutdy. Balyk awy şowly boldy.

Enesi balygy gowurdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## IKI DOGAN

**Gönükme 51.** Ýumuşlary ýerine ýetiriň:

1. Atlar aşakdaky soraglara jogap bolýar:
a. nähili? neneňsi
b. kim? näme?
ç. Häme edýär, näme etdi?, näme edjek?
2. Atlaryň aşagyny çyzyň.
Oýnawaç, bökmek, gök, ýagyş, şatlyk, stol, ýagyşly, çemen, owadan.
3 Jyns atlary ýazyň.
Gyzlaryň ady ______________________________
______________________________
Haýwanlaryň ady ______________________________
______________________________
4. Jedweli dolduryň.
Gagarin, çopan, Alabaý, Garagum, Daşkent, ruçka, telefon, Amyderýa, parta, jüýje.

| Has atlar | Jyns atlar |
|---|---|
| | |
| | |
| | |
| | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5. Dogry edip ýazyň.

a. Enem bagda (R,r) ......oza ekdi.

b. Goňşymyzyň gyzy (R,r) .... gowy okaýar.

ç. Güýzde ýapraklar (Ý,ý) .....ere düşýär.

d. (Ý,ý).....r planetasy – biziň umumy öýümiz.

## GYZYL KITAP

**Gönükme 52.** Suratdaky haýwanlaryň adyny köplük sanda ýazyň.



**Gönükme 53.** Atlaryň sanyny anyklap «k» we «b» bilen belläň.

Gün(...), äýnek(...), ädikler(...), kirpiler,(...) Moskwa(...), şemal(...), derwezeler(...), gary(...), kitaplar(...).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ENE LEGLEGIŇ ALADASY

**Gönükme 54.** Sözlemlerde galdyrylan sözleri ýazyň. Sözleriň haýsy sandadygyny aýdyň.

(Oglan, gyz, çopan, kepderi, oglanlar, gyzlar, çopanlar, kepderiler)

______________ irden turdy. __________________ kitap okaýarlar. __________ surat çekýär. _____________ aýdym aýdýarlar. ______________ goýun bakýar. ________________ sürini haýdady. ______________ agaja gondy. _____________________ iým iýýärler.

**Gönükme 55.** Krosswordy çözüň (ösümlükleriň ady)

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| S | | | | N | | |
| A | | | A | | | |
| G | | | | | Z | |
| L | | | | N | | |
| Y | | | | | | K |
| K | | | | R | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## WIRUS NÄME?

**Gönükme 56. Gül** we **top** sözlerini ýönkemede üýtgediň.

Meniň ________________________________

Seniň ________________________________

Onuň ________________________________

Biziň ________________________________

Siziň ________________________________

Olaryň________________________________

**Gönükme 57.** Sözlemleri okaň. Ikinji ýönkemäniň birligi we köplügi bilen üýtgän atlary, olaryň ýönkeme goşulmalaryny aýdyp beriň.

Seniň doganyň talypmy? Siziň goýnuňyz guzlady. Almaňyz bol hasyl beripdir. Maşynyňyz täze eken. Sagadyňyz näçäni görkezýär? Meniň okan kitabym örän gyzykly eken.

## GRIPP, ALAMATLARY WE ONUŇ ÖŇÜNI ALMAK

**Gönükme 58.** Sözlemlleri okaň. Ýönkeme bilen üýtgän atlaryň aşagyny çyzyň we olaryň haýsy ýönkemedigini we goşulmasyny aýdyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Meniň doganym gyzykly kitap okaýar. Seniň doganyň düýn dişini aldyrdymy? Hawa, onyň dişi häzir hem agyrýar. Olar düýn ejem bilen doktora bardylar. Seniň dişleriň sagdyna meňzeýär. Men dişimi günde arassalaýaryn.

**Gönükme 59.** «Okuwçy» sözüni derňemek.

1. Bu söz haýsy soraga jogap berýär? __________
2. Näçe harpdan ybarat? ____________
3. Näçe bogundan ybarat? _____________
4. Näçe çekimli harp bar? ____ Haýsylar?________
5. Näçe ýogyn çekimli harp bar? ___________ Haýsylar?________
6. Näçe inçe çekimli harp bar? _________ Haýsylar?_________
7. Näçe çekimsiz harp bar? ____ Haýsylar?_____________
8. Dodak çekimli harp barmy? ______ Haýsy ? _________
9. Näçe dymyk çekimsiz bar? _____ Haýsy ?___________
10. Asyl sözi______________goşulma__________
11. Goşulma, söz üýtgediji, söz ýasaýjy________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

12. Söz menlik ýöňkemede ____________________
13. Söz köplük sanda ________________________
14. Söz bilen sözlem düzüň ____________________

__________________________________________________

15. «Okuwa garrama ýok» diýen nakylyň manysy näme?

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASY

**Gönükme 60.** Bäş sany has we bäş sany jyns atlary ýazyň.

__________________________________________________

__________________________________________________

__________________________________________________

__________________________________________________

**Gönükme 61.** Drudly dowam edip çyzyň.

Nämäniň suratyny çyzdyňyz? ___________________
Şu söz bilen sözlem düzüň.

__________________________________________________





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÝALTALYK – ÝAMAN ADAT

**Gönükme 62.** Aşakdaky temalaryň haýsylaryny öwrendik?

Atlaryň san bilen üýtgeýşi
Atlaryň ýöňkeme bilen üýtgeýşi
Atlaryň düşüm bilen üýtgeýşi

**Gönükme 63.** Okaň we has gara ýazylan atlary göçüriň. Olaryň haýsy soraglara jogap bolýandygyny ýazyň.

*Nusga:* Nany (nämäni?), ...

### Şatlyk tohumy

Kakam bir gün maňa **tohum** getirdi we şu **tohumyň** içinde «şatlyk» bar diýdi. Men haýran galdym. Bu özi bir tohum bolsa, nädip içinde şatlyk bolar? Ejem **tohumy** güldana ekdi. Biraz gün geçenden soň **tohumdan** gül gögerip çykdy. Güldany aýnaň öňünde goýduk. Baýramyň öňýanynda güller açyldylar. Güller örän köpdi. Olar gök reňklidi. Gülleriň ýakymly ysy otagy doldurdy. Kakam meniň gülümiň ady giasint diýdi. Men beýle «şatlyk» **tohuma** örän şat boldum.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

## SEN ATAŇA KÖMEK BERÝÄRMIŇ?

**Gönükme 64.** Okaň we eýelik düşümde gelýän atlaryň aşagyny çyzyň.

1. Durdy telefony maňa berdi. 2. Obanyň ekin meýdanlarynda hasyl bişip ýetişdi. 3. Ýaşlar köp kitap okamaly. 4. Berdiniň daýysy gelipdir. Günüň şöhlesi ösümlikler üçin peýdalydyr.

**Gönükme 65.** Aşakdaky pikir dogrumy?

Türkmen dilinde çekimsiz harp bilen başlanýan sözler köp. ________________________. Subut ediň.

Subut etmek üçin kömekçi soraglar:

Türkmen elibiýsinde näçe çekimli harp bar?____

Türkmen elibiýsinde näçe çekimsiz harp bar?__



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÝAGŞY NÄME, ÝAMAN NÄME?

**Gönükme 66.** Baş düşümdäki atlary eýelik we ýöneliş düşüm bilen üýtgedip ýazyň.

Çaý, aýdym, gyş.
E.d.______________________________
Ý.d.______________________________

**Gönükme 67.** Grammatiki mysaly çözüň.

**J +**  **– L + Ý=** ________________

 **–LMA + R +**  **– UR + Y =** __________

## TAGZYM

**Gönükme 68.** Ýeňiş düşümde gelen atlaryň aşagyny çyzyň.

Selbini oňat okany üçin Hormat haty bilen sylagladylar. Düýn men Aşyry ýaryşda gördüm. Maňa



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

şu planşeti kakam sowgat etdi. Ejem sygyry sagdy. Maral gülleri suwardy. Ejem tamdyry gyzdyryp, nan ýapdy.

**Gönükme 69.** Baş düşümde berlen atlary ýeňiş düşümde üýtgedip ýazyň.

Ruçga, sogan, düşek, ýag, ýaryş, kompýuter, uçar, otly, derslik, fonar, diwar, çaý, çorba, gazan, erik, noýba.

## HAÝP

**Gönükme 70.** Sözlemlere bölüp ýazyň. Ýöneliş düşümindäki atlaryň aşagyny çyzyň.

OlmuzeýdeGözeliAmanyweEnejanygörüpdirWe paportfelikitapdandoldurdyolarelleriniýuwdylarşähe riaýlandykhaýwanatbagyndapiligördük.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme 71.** Sözleri ýöneliş düşümde ýazyň.

Muzeý, erteki, ütük, otag, odun, derweze, garpyz, gawun, tüýdük, tahýa, köýnek, haly, sallançak.

## MELLEK

**Gönükme 72.** Sözlemlerde wagt-orun düşümde üýtgedip ýazylan atlary anyklaň. Olary setirden setire geçirer ýaly we bogna bölüp ýazyň.

1. Ahmetde, Ezizde we Arslanda dutar bar. Olar dutarda köp sazlary çalyp bilýärler. 2. Almada



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

witamin köp bolýar. 3. Tomsuna dagda howa salkyn bolýar.

1.______________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

2.______________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

**Gönükme 73.** Surat boýunça atlary wagt-orun düşüminde getirip iki sözlem düzüň.



________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MEKGEJÖWEN

**Gönükme 74.** Sözleri çykyş düşümde üýtgedip ýazyň.

Telefon, çyra, nahar, şäher, köçe, gapy, asman, gawun, sygyr, howly, sübse, garlawaç, goýun, geçi, ülje.

**Gönükme 75.** Sözleri dogry edip çykyş düşümiň goşulmasy bilen birleşdiriň ýazyň.

dan | den

| | | |
|---|---|---|
| oba | depder | Merdan |
| açar | mekdep | kitap |
| ekin | erik | alma |
| noýba | saraý | serçe |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BUGDAÝ

**Gönükme 76.** Sözlerden adamlary aňladýanlarynyň aşagyny çyzyň.

Mugallym, kosmonawt, bagşy, robot, gurluşykçy, gurjak, agtyk, goňşy, kärdeş, ýaşuly, başlyk, dellek, aşpez.

**Gönükme 77.** Krosswordy çözüň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DOST-DOSTUŇ AÝNASY

**Gönükme 78.** Ösümlikleri aňladýan atlary ýazyň.

**Gönükme 79.** Atlary aňladýan manysy boýunça toparlara bölüp ýazyň.

Pil, kelem, žiraf, tikinçi, käşir, badamjan, uçujy, keýik, şagal, ýeralma, esger, gaplaň, möjek, türgen, şaly, kempir.

| Adamy aňladýan atlar | Haýwany aňladýan atlar | Ösümligi aňladýan atlar |
|---|---|---|
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MENIŇ GAPJYK TAPYŞYM

**Gönükme 80.** Berlen atlary sypatlar bilen goşup ýazyň.

Mata, galam, gawun, tilki, dost, stol, mekdep, köçe, asman.

**Gönükme 81.** Suratdaky atlara sypat sözleri ýazyň.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GYŞDA

**Gönükme 82.** Sypatlara sorag goýup ýazyň.

Gara (______________________?) telpek, bulanç (_____________?) suw. Mawy (_________________?) asman. Giň (_________________________?) köçe. Wepaly (_____________________?) perzent. Adalatly (_____________?) ýaryş. Ýakymly (_________________?) owaz.

Mert (____________________?) oglan. Owadan (______________?) haly. Nepis (_________________?) keşde.

**Gönükme 83.** Sözlemleri okaň we sypatlaryň aşagyny çyzyň. Sypat atlaryň niresinde gelýändigini aýdyň.

Çopan aga Aşyra kiçjik güjük getirip berdi. Ol alaja güjük eken. Aşyr bilen güjük ýakyn dost boldular. Güjük gowy sakçy bolup ýetişdi.

## ÝEDI HAZYNA

**Gönükme 84.** Berlen atlara dogry gelýän sypatlary ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

______________ mata, _________________ galam,
______________ asman, ________________ gazan,
______________ nahar, ________________ agaç,
______________ körpe, _________________ussa.

**Gönükme 85.** «Edepli» sözüni derňemek.

1. Bu söz haýsy soraga jogap berýär? __________
2. Näçe harpdan ybarat? _____________
3. Näçe bogundan ybarat? ______________
4. Näçe çekimli harp bar? _____ Haýsylar?________
5. Näçe ýogyn çekimli harp bar? _______
   Haýsylar?_________
6. Näçe inçe çekimli harp bar? ________
   Haýsylar?_________
7. Näçe çekimsiz harp bar? _____
   Haýsylar?______________
8. Dodak çekimli harp barmy? _______
   Haýsy ?_________
9. Asyl sözi ____________ goşulma _____________
10. Goşulma, söz üýtgeýdiji, söz ýasaýjy
11. Söz bilen sözlem düzüň ___________________
_____________________________________________
12. Atlar sypatyň niresinde gelýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

13. «Edebiň ýagşysy – ulyny syla» diýen nakylyň manysy näme?

14. Nakyldaky «edebiň» diýen haýsy düşümde?

## OBADA GYŞ IŞLERI

**Gönükme 86.** Tapmaçany taryň. Sypatlaryň degişli atlary bilen aşagyny çyzyň.

Akja possun geýipdir
Depeler, öýler, baglar.
Alysdan ak telpekli
Görner gojaman ____________



Burnunda gyzyl käşir,
Üşemän dur zor adam.
Gar ýaganda çagalar
Ýasadylar __________________



## BALARY

**Gönükme 87.** Nakyllary okaň. Sypatlaryň aşagyny çyzyň. Olar bilen baglanan atlary aýdyň. Nakylyň manysyny düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Akylly adam Güne meňzär, nirä barsa nur saçýar.
Assa ýörän, alys gider.
Boljak oglan bolşundan belli.
Dana kişi oýlap aýdar, däli kişi oýnap aýdar.

**Gönükme 88.** Atlary sypat bilen baglap ýazyň.
Köýnek, köpri, alma, palaw, kino, aýdym, agaç, oglan.

______________________________
______________________________
______________________________

## ÝÜPEK

**Gönükme 89.** Berlen sypatlara dogry gelýän atlary tapyp ýazyň.

Sowuk ____________________
____________________
____________________

Gyzykly ____________________
____________________
____________________

Arassa ____________________
____________________
____________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MARS – GYZYL PLANETA

**Gönükme 90.** Sypata dogry gelýän birnäçe atlary ýazyň.
*Nusga:* Gyzykly kitap, söhbet, waka...

Yssy ______________________________
Süýji ______________________________
Akylly______________________________
Giň ______________________________
Arassa______________________________

## KOSMOS GÄMISI

**Gönükme 91.** Gazet sözüniň üstünde işlemek.

1. Gazet sözüne söz üýtgeýdiji we söz ýasaýjy goşulma goşup ýazyň.

______________________________

2. Gazet sözüni ýöňkeme bilen üýtgediň.

Menlik ______________________________
Senlik ______________________________
Olluk ______________________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bizlik ______________________________

Sizlik ______________________________

Olarlyk ______________________________

3. Sözi çykyş düşüminde ýazyň. ____________

4. Sözi sypat bilen ýazyň________________

5. Söz bilen sözlem düzüň we shemasyny çyzyň.

______________________________________

______________________________________

6. Söz has sözmi ýa-da jynsmy? ____________

7. Sözi köplük sanda ýazyň ________________

## KOSMONAWT

**Gönükme 92.** Teksti okaň, atlandyryň we hereketi bildirýän sözleriň aşagyny çyzyň.

______________________

Bu gün sowuk boldy. Gar ýagdy. Men Jeren bilen Aýazbaba ýasadyk. Agzynyň ornuna käşir, gözüniň ornuna kömür goýduk. Goňşy çagalar bize tomoşa etdiler. Soň biz ýadygärlik üçin surata düşdük.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme 93.** Sözlemlerde hereketi bildirýän sözleri ýazyň.

Okuwçylar mysal ______________________
Pişik syçan ___________________________
Asmanda ýyldyz _______________________
Ejem nan _____________________________
Akmämet hat __________________________
Kosmonawt kosmosa____________________

## HÄZIRKI ZAMAN TEHNOLOGIÝALARY

**Gönükme 94.** Çyzygyň sag tarapyndaky işlilikleri dogry saýlap sözlemleri ýazyň

| | |
|---|---|
| Gözel tikin ... | ýüzýär |
| Çopan mallary ... | oýnaýar |
| Gyzlar gurjak ... | bakýar |
| Oglanlar kitap ... | tikdi |
| Balyk suwda ... | okadylar |

______________________________________
______________________________________
______________________________________
______________________________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme 95.** Sözleri dogry edip bogna bölüp ýazyň.

Işledi ______________________________
Gepleýär ___________________________
Bildi ________________________________
Eşidýär _____________________________
Taşlady _____________________________
Pikirlenýär___________________________
Seretdi _____________________________

## TELEWIZOR

**Gönükme 96.** Ýaýyň içinde işliklere degişli soragy ýazyň.

### Bagda

Biziň bagymyzda bilbil ýaşaýar (___________?). Ol ýakymly owaz bilen saýraýar (_____________?). Bilbil bagdaky mör-möjekler bilen iýmitlenýär (________________?). Biz agşamara bilbiliň aýdymyny diňleýäris (__________________?).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme 97.** Rifma sözleri dogry saýlap ýazyň.

*Kömekçi sözler:* tersine, ýada.

## Suratly kitap

Bir täzeçe kitaby
Sowgat berdim Azada.
Synlap surat baryny,
Düşünenok hiç ___________

Seredemde ýylgyrdym
Bolýan zady görsene,
Asyl Azat kitaby
Tutýan eken ____________

*(A. Hotjyýew)*

## BIR DESSE GÜL

**Gönükme 98.** Öten zaman işliginiň aşagyny çyzyň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Gar

Akja gar ýagdy
Dagyň gerşine,
Gara büreldi
Daglar durşuna.

**Gönükme 99.** Sözlemleri okaň we has gara ýazylan işlikleriň haýsy soraga jogap bolýandygyny aýdyň.

Okuwçy **ýazdy**. Howa **maýlady.** Güller **açyldy.** Guşlar **saýrady.** Myhmanlar **geldi.** Nahar **bişdi.** Otlar **gögerdi.** Ýerler **agdaryldy.** Çaý **gaýnady.**

**Gönükme 100.** Şifrlerden peýdalanyp sözleri tapyň.

| | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
| B | R | O | Ä | Z | Ç | G | A | Ü | I | L | D | E | M | S | T |

1, 4, 7, 9, 11 ______________________________

